# Söýmüşem seni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Söýmüşem seni SÕÝMÜŞEM SENI

Ýa habyp, Hak Resuly Sen,
Çyn jandan söýmüşem Seni,
Derwüşler gadyr gijesin
Sõýen dek söýmüşem Seni.

Eýleýip seýr-u seýrany,
Keşt etsem külli Eýrany,
Misli Ybraýym Sarany,
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Ýakup ýurt etdi Kengany,
Ogludyr Müsür soltany
Misli Ýusup Züleýhany
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Ýalançyny tutdy ady,
Olardyr yşkyñ binýady,
Mejnun Leýli perizady,
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Dildi daglaryñ zirini
Tapmaýyn biri- birini
Aşyk Perhat ol Şirini
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Egdi meni dünýe maly
Bolmady yşkym kemaly
Seýpelmelek Mahjemaly
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Basdy muhabbet nyşany,
Keşt eýledi çar kõşäni
Ýemende Warka Gülşany

Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Gitdi elden ygtyýary
Galmady namysy-ary
Aşyk Nowruz, Gül-Ferhary
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Bir gün ýolukdylar Hyzra
Durdular nyýaza, nezre
Bir-birini Wamyk, Uzra
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Gezdiler Rumuñ düzüni
Berdiler Hakyñ karzyny
Aryzda Ganbar Arzyny
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Tutmady olar dünýani
Galmady ýary-ýarany
Misli ol Tahyr-Zõheäni
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Bu dünýä goýupdyr kimi
Hoş tutuñ bäş günlük demi
Aşyk Garyp Şasenemi
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Magtymguly, dünýa pany,
Õtüpdir Rüstemler, kany?
Aý, Gün-u Zemin, asmany
Sõýen dek sõýmüşem Seni.

Magtymguly PYRAGY. Goşgular